**TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET WE ILATY DURMUŞ TAÝDAN GORAMAK MINISTRLIGI**

**MINISTRY OF LABOUR AND SOCIAL PROTECTION OF POPULATION OF TURKMENISTAN**

**BUÝRUK** **ORDER**

**« 04 » mart 2019 ý.** **№ 32-Ö**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2013-nji ýylyň 13-nji fewralynda çykaran 13-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň tertibine üýtgetmeler we goşmaça girizmek hakynda**

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine we “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2013-nji ýylyň 18-nji fewralynda 681 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2013-nji ýylyň 13-nji fewralynda çykaran 13-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň Tertibinde:

1) üçünji böleginiň üçünji tesiminde “(mundan beýläk – Gazna)” diýen sözlerden soň “we onuň ýerli edaralaryna” diýen sözleri goşmaly;

2) on dokuzynjy böleginde “diňe pasporty” diýen sözleri “pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminama” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

3) ýigrimi dördünji böleginde:

a) ikinji tesimini şu görnüşde beýan etmeli:

“Atiýaçlandyrýan daýhan birleşikler kärendeçiler üçin hasabat döwri, ýylda bir gezekden az bolmazlyk bilen oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möwsümine laýyklykdaky pensiýa gatançlaryny geçirýärler we hasabat döwrüniň soňundaky ikinji aýyň 15-inden gijä galman, pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirilýän pensiýa gatançlary barada maglumaty (şu Tertibe 6(b)-njy goşundy) ätiýaçlandyryja tabşyrýar. Oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möwsümi Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan bellenilýär.”;

b) üçünji tesiminde “töleg kwitansiýalary arkaly aýda bir gezek geçirýärler” diýen sözleri “hasabat döwri üçin töleg geçirýärler” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

4) otuz üçünji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

"33. Ätiýaçlandyryjy "Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň ikinji böleginiň 7-10-njy bentlerinde görkezilen şahslara, ätiýaçlandyrýan hökmünde ätiýaçlandyrma halaty ýüze çykan ýagdaýynda aýratyn döwürlerini tassyklaýan resminamalar ätiýaçlandyrylan şahs tarapyndan getirilende, şol üstümizdäki ýyl üçin Türkmenistan boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň pes zähmet hakyndan ugur alyp pensiýa gatançlary barada ätiýaçlandyrylan şahslaryň atly pensiýa hasabyna ýazgy geçirilýär.";

5) otuz dördünji we otuz bäşinji böleklerini aýyrmaly;

6) otuz altynjy-elli ikinji böleklerini degişlilikde otuz dördünji-ellinji bölekleri diýip hasap etmeli;

7) elli ikinji böleginiň ikinji tesimini şu görnüşde beýan etmeli:

"banklar ätiýaçlandyrýana Ýuridik (fiziki) şahsyň hasaplaşyk hasabynyň açylandygy ýa-da ýapylandygy barada habarnamany (şu Tertibe 7-nji goşundy), şeýle hasabyň açylan ýa-da ýapylan gününiň ertesi gününden gijä galman ýerleşýän ýerindäki ätiýaçlandyryja ibermäge;";

8) 6(b)-njy goşundyny şu görnüşde beýan etmeli:

"Ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň tertibine 6(b)-njy goşundy

**Pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirilýän pensiýa gatançlary barada Maglumat (kärendeçiler üçin)**

| Edaranyň kody (HSUK) | Salgyt kody | Eýeçiligiň görnüşiniň kody | Ministrligiň, pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň kody (HSUK) | Çägiň kody | Býujet edarasy | Hojalyk hasaplaşygynd aky kärhana |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

Ätiýaçlandyrýanyň ady______________________________________________________________________________________________________

Geçirilen gatançlaryň degişli döwri 20____ýylyň__________________________________aýy üçin

Geçirilen gatançlar barada töleg tabşyryklary ________________________________________________

Gatançlaryň möçberi________________________________________________________________________________________________

(ýazmaça)

Töleýjiniň banky________________________________________________________________

Alyjynyň banky__________________________________________________________________

## Işleýän işgärleriň sanawy

| T/b | Atly pensiýa hasabyň belgisi | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Girdeji (manat) | Pensiýa gatançlaryny hasaplamak üçin binýat (manat) | Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa gatançlarynyň möçberi (manat) | Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa gatançlaryň möçberi | | Bellik (işe kabul edilen, işden çykan) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | % | manat | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| **Jemi gatançlar:** | | | **0,00** | **X** | **0,00** | **X** | **0,00** | **X** |

Ýazmaça jemi: HPÄ ___________________________________ manat _____ teňňe
MPÄ ______________________________________ manat _____ teňňe

**Ýolbaşçy:** ________ ______________________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**Baş buhgalter:** ________ ______________________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Kabul etdi: ___________________ ________ ____________________________ .”
Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ady (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

9) 7 “a”-10-njy goşundylary aýyrmaly;

10) 11-nji goşundyda “11-nji” diýen sözleri “7-nji” diýen sözler bilen çalşyrmaly.

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysy D.Amanmuhammedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**